TÜRKMENISTANYŇ
BILIM
MINISTRLIGI

744000, Aşgabat ş., Arçabil şaýoly, 104
Tel.: 44-84-00; Faks: 44-86-93

MINISTRY
OF EDUCATION
OF TURKMENISTAN

744000, 104, Archabil ave., Ashgabat c.
Phone: 44-84-00; Fax: 44-86-93

«01» 03 2025 ý.

№ 15/1853

**Türkmenistanyň ýokary okuw mekdeplerine**

Türkmenistanyň Bilim ministrligi ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň ýaşlarynyň arasynda suhangöýlük sungaty boýunça bäsleşigi geçirmekligiň tassyklanan Düzgünnamasyny size ýollaýar hem-de agzalan bäsleşigi Düzgünnama laýyklykda ýokary guramaçylykly geçirmegiňizi soraýar.

*Goşulýar: Bäsleşigiň düzgünnamasy*

Ministriň orunbasary A.Ataýew

"TASSYKLAÝARYN"
Türkmenistanyň
Bilim ministri
_______J.Gurbangeldiýew
"26" fewral 2025ý.

"TASSSYKLAÝARYN"
Türkmenistanyň Magtymguly
adyndaky Ýaşlar guramasynyň
Merkezi Geňeşiniň başlygy
_______Ý.Keriýew
"26" fewral 2025ý

# ÝURDUMYZYŇ ÝOKARY OKUW MEKDEPLERINIŇ ÝAŞLARYNYŇ ARASYNDA SUHANGÖÝLÜK SUNGATY BOÝUNÇA BÄSLEŞIGI GEÇIRMEGIŇ DÜZGÜNNAMASY

## I.UMUMY DÜZGÜNLER

Ýaşlaryň arasynda suhangöýlük sungaty boýunça geçiriljek bäsleşik (mundan beýläk – Bäsleşik) ýaşlaryň öz ukyp-başarnyklaryny we zehinlerini ýüze çykarmagy we jemgyýetde mynasyp orunlaryny tapmagy, ýaşlaryň Watana söýgi we wepalylyk duýgusyny, Watanyň bähbitlerini goramaklyga we raýatlyk borçlaryny ýerine ýetirmeklige bolan jogapkärçilikli garaýyşlaryny terbiýelemek maksady bilen, şeýle hem Türkmenistanda ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň 2021–2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynda ýaşlaryň arasynda döredijilik bäsleşikleri guramak we täze zehinleri ýüze çykarmak bilen bagly wezipeleri üstünlikli ýerine ýetirmek, ýaş nesillerimizde ata Watanymyzyň taryhy ösüşiniň esasy maksatlaryna, üstünlikli durmuşa geçirilýän döwlet syýasatyna bolan buýsanç duýgusyny terbiýelemek, ýaş wagyzçylaryň we suhangöýleriň täze neslini kemala getirmek we bu ugurda öňdebaryjy ýaşlaryň goruny döretmek maksady bilen yglan edilýär.

## II. MAKSATLARY WE WEZIPELERI

- Ýaş zehinleri we suhangöýleri ýüze çykarmak
- Ýaşlarda döredijilikli pikirlenmek endiklerini terbiýelemek
- Ýaşlaryň liderlik we ugurtapyjylyk häsiýetlerini kemala getirmek
- Milli bähbitlerimize laýyklykda pikirlenýän ýaşlaryň, ýaş watançylaryň we wagyzçylaryň täze neslini kemala getirmek

- Pederlerimizden miras galan ene dilimiziň baýlyklaryny açyp görkezmek
- Bäsleşigiň netijeleri esasynda "Ýaş wagyzçylar" toparyny döretmek

## III. BÄSLEŞIGIŇ GEÇIRILIŞ TERTIBI:

Bäsleşigi geçirmekligiň anyk senesi ýokary okuw mekdepleriniň rektorlygy tarapyndan kesgitlener we 2025-nji ýylyň aprel aýynyň ahyryna çenli ýokary hünär bilim edaralarynyň ählisinde geçirilip tamamlanar. Bäsleşigiň ýokary derejede geçirilmegine hem-de zerur guramaçylyk işleriniň ýerine ýetirilmegine bilim edarasynda ýaşlar syýasaty boýunça bellenen degişli jogapkärler gözegçilik edýär.

Bäsleşige adalatly baha bermek üçin eminler topary :

- Eminler toparynyň başlygy – Bilim edarasynyň ýolbaşçylar düzüminden (bir) wekil;
- bilim edarasynyň jemgyýeti öwreniş ylymlary dersi boýunça tejribeli mugallymlaryndan (bir) wekil
- bilim edarasynyň ýaşlar syýasaty boýunça bellenen jogapkäriň gatnaşmagyndan ybarat bolar.

Bellik: *bäsleşige degişli ministrliklerden hem-de jemgyýetçilik guramalaryndan wekiller hem çekilip bilner.*

Bäsleşik iki tapgyrdan ybarat bolup, bäsleşige gatnaşmaga isleg bildirenler üçin deslapky saýlama tapgyr guralýar we onda ýokary okuw mekdepleriniň rektorlygy tarapyndan – häzirki zaman türkmen jemgyýeti, türkmen dili, Türkmenistanyň kanunçylygynyň esaslary derslerinden hem-de Türkmenistanyň daşary syýasaty, Gahryman Arkadagymyz we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň gymmatly eserleri boýunça sowalnama taýýarlanyp, onuň netijesinde geljekde jemgyýetiň öňünde ýurdumyzda üstünlikli durmuşa geçirilýän döwlet syýasatymyzy wagyz etjek "Ýaş wagyzçynyň" bilim derejesi barlanar we iň gowy netije görkezenler bäsleşigiň ikinji tapgyryna geçmäge hukuk gazanarlar.

Bäsleşigiň ikinji tapgyrynda oňa gatnaşýanlara "Türkmenistanyň daşary syýasaty we hemişelik Bitaraplygy" atly tema boýunça çykyş

edip, öz mümkinçiliklerini görkezmäge pursat dörediler. Gatnaşyjynyň meýilnamalaýyn çykyşyndan soň eminler toparynyň başlygy tarapyndan bäsleşigi gatnaşyjynyň özüne mälim bolmadyk islendik bir tema beriler we bäsleşige gatnaşyjy improwizasiýa görnüşinde öz çykyşyny dowam eder.

## IV.BÄSLEŞIGIŇ ŞERTLERI

Bäsleşige 35 ýaşa çenli ýaş mugallymlar we talyp-ýaşlar gatnaşyp, özara bäsleşip bilerler. Bäsleşige gatnaşyjylar saýlap alan temalary boýunça gezekli-gezegine 10 minutlyk çykyş eder. Çykyş etmekligiň nobaty bäsleşijileriň birinji tapgyrdaky test sowalnamasynyň netijesi arkaly kesgitlener (Ýokary netije görkezen bäsleşige gatnaşyjy iň soňky nobatda çykyş eder). Eger-de deň derejede netije görkezen bäsleşijiler bolan halatynda, olaryň çykyş etmeklik gezegi bäsleşijileriň atlarynyň elipbiý tertibinde ýerleşişi boýunça kesgitlener.

Bäsleşikde çykyşlaryň 10 minutdan artyk bolmagy gadagan edilip, çykyşlaryň berlen wagtdan artyk bolmagy onuň utuk sanlarynyň ýarysynyň azalmagyna getirer. Şeýle hem bäsleşige gatnaşyjylara çykyş başlanyndan soň çykyşynyň täsirliligini güýçlendirmek üçin aýdymlary we sazlary ulanmak gadagan edilýär.

***Çykyşlar bäş kategoriýa boýunça bahalandyrylar***

1. Çykyşyň mazmuny: logika, gurluşy, argumentleriň goýluşy
2. Suhangöýlük ukyby: ses, diksiýa, intonasiýa
3. Emosional täsirlilik: harizma, tomaşaçylar bilen gatnaşyk
4. Beden dili: mimika, ynamlylyk
5. Tapawutlylyk: çykyşyň ideýa taýdan aýratynlygy, metaforalaryň ulanylyşy, taryhyň beýan edilişi

Bäsleşige gatnaşyjynyň çykyşy eminler topary tarapyndan her kategoriýa üçin 10 utuk bilen bahalandyrylar.

## V.SYLAGLAMAK

Ýokary netije görkezen ýaşlar ýeňiji diýip yglan edilip Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň "Ýaş wagyzçylar" toparynyň agzasy

bolmaga hukuk gazanarlar, şeýle hem Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşi tarapyndan gymmat bahaly sowgatlar bilen sylaglanarlar.